# Leglegim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Leglegim LEGLEGIM

Ak bulutlañ arasyna siñdiñmi,
Sen nirde gözden uçan leglegim.
Ýa mesgen tutunyp gök sonarlygy,
Dolanmazmyñ sen diýip eglendigim?

Ara daşdyr, kötellidir bu ýollar,
Azaşdyrjak bolar umytlañ çürkäp.
Düşün, maña sensiz juda kyn bolar,
Giderin umytlam yzyma tirkäp.

Soñ sen ýene bir gün kalbyñ küýsände,
Eläniñde ýatlamalañ elegin,
Ýyllañ gatyndan däl, kalbyñdan gözle,
Ganat kakyp durandyryn, leglegim.

Ogulbeg PAKYROWA. Goşgular